Internet sahyp üçin düzedip taýýarlan ; Timur Kor

# 15. ÝYL BOYUNCA GEÇILENLERI GAÝTALAMAK

**431-nji gönükme.** Göçüriň. içinde o, ö çekimlileri bolan sözleriň aşagyny çyzyň.

1. Çopan dowarlary suwa ýakdy.
2. Men towşanyma ketek ýasadym.
3. Ördek suwda oňat ýüzýär.
4. Haý-wanat bagynda möjek hem bar.
5. Biz ýoldaşymyza garaşdyk, ondan Soň köle gezelenje gitdik.

1. O, ö dodak çekimlileri sözüň diňe haýsy bognunda ýazylyarlar.
2. **Dowarlar** sözüniň manysyny düşündiriň we sözlük depderiňize ýazyň.

## towşan

| | | | |
|---|---|---|---|
| Örd. ..k | bör.. .k | ogl.n | oj...r. |
| Dol... k | Göz...1 | düw...n | gurs...n. |
| Ök. ..z | dök... n | goý...n | od...n. |
| Çöl. ..k | ýor...nja | üz. ..m | köm...r. |
| Toý. ..n | çoý...n | ogl...m | göz. ..m. |

**432-nji gönükme.** Göçüriň. Nokatlaryň ýerine degişli çekimlileri ýazyň.

1. Ýokarky sözlerden üç sanysyny sözlem içinde getirip, depderiňize ýazyň.

2. O, ö dodak çekimlileri sözüň haýsy bognunda ýazylýarlar?

Turkmenkultur.com

3. U, ü dodak çekimlileri sözüň haýsy bognunda ýazylýarlar?

**433-nji gönükme.** Ýaýyň içindäki goşulmalary olaryň öň ýanyndaky sözlere goşup göçüriň. Ikinji bogundan y, i, u, ü çekimlileriniňi düşüp galýandygyna üns beriň

**1.** Oraz aga öz ogul(-uny) okuwa iberdi.

**2.** Tomus(uň) bu yssy günlerinde köp oýnamak bolmaz.

**3.** Sygyr (-y) howla salyň.

**4.** Seniň täze köwüş(-üň) barmy?

**5.** Bular ýeňil(-er), sebäbi ýaryşa az taýýarlandylar.

**434-nji gönükme.** Aşakdaky sözlere çekimli ses bilen başlanýan goşulma goşup, depderiňize göçüriň.

| | | | |
|---|---|---|---|
| Göwün | ýumuş | bagyr | köwüş. |
| Kiriş | egin | çebiş | deňiz. |
| Maňyz | goýun | Bagyr | ýumuş. |
| Düwün | toýun | erin | buýur. |
| Doýur | Kümüş | ÇalyŞ | nebis. |

**Nusga:** göwün-göwni, ýumuş-ýumşuň, ...

Bu sözlere çekimli ses bilen başlanýan goşulma goşanyňyzda, olaryň haýsy bognunda nähili çekimleriň düşüp galýandygny aýdyp beriň.

**435-nji gönükme.** Göçüriň. Has gara ýazylan sözleriň asyl sözüni we söz ýasaýjy goşulmasyny aýdyp beriň

**1. Suwçy** pilini eline alyp durdy. Bu ýer örän **otluk.** Daýhanlar **üzümçilik** meydaňyna işe çykdylar.

**2. Kitaply** oglan öýe girdi.

Turkmenkultur.com

**3. Maşynsyz** uzak ýerlere gidip bolmaz.

**-çy, -çi, -luk, -lük, -ly, -li, -syz, -siz** söz ýasaýjy goşulmalaryny atlara goşup, dilden täze söz ýasap beriň.

**436-njy gönükme.** Okaň. Sözleriň asyl sözi bilen söz üýtgediji goşulmasyny aýdyp beriň.

Adamlar, serçeler, goýunlar, tilkiler, depderim, depderiň, depderi, galamym, galamyňyz, galamyň, galama, galamy, galamda, galamdan, meniň galamym, siziň öýüňizde, Gurbanyň dosty.

**437-nji gönükme.** Okaň. Has gara ýazylan sözleriň sada ýa-da goşma sözdügini aýdyň.

**1. Aman** birinji klasda okaýar. **Amangül** heniz mekdebe gidenok. **2.** Biz **demir** böleklerini ýygnadyk. **3. Demirgazyk** tarapdan **şemal** öwüsýär. **4. Aýbölek, Meretdurdy, Gülşoltan** dagymyz bir klasda okaýarys. 5. Olar **günbatar** tarapa gitdiler. 6. Bu **gün** yssy boldy. **7. Okuw** ýyly gutaryp barýar.

**Soraglara jogap beriň.**

1. Sada sözler näçe sözden ybarat bolýar?

2. Goşma sözler näçe sözden düzülýär?

**438-nji gönükme.** Özüňizden üç sany goşma söz, üç sany sada söz tapyp, sözlem içinde getiriň we depderiňize ýazyň.

**Nusga:** Men depä çykdym. Mergen Gökdepä gitdi.

**439-njy gönükme.** Okaň. Has gara ýazylan atlaryň has ýa-da jyns atdygyny aýdyp beriň

## AWÇYNYŇ GÜRRÜŇI

Sähra **adamy** sähra ýaly giň göwrümli bolýar. Ol oba gelen mahaly goňşy-golamlary onuň **öýüne** ýygnanýar.

Bir gezek **Annaguly** aga söze başlady:

— **Abdy** aga, ýetmiş ýaşyňda beýdip ýörmeseň bolmaýarmy?

Abdy aga oňa jogap berdi:

— Men nädip **sährany** taşlap, bulardan jyda düşeýin. Ol **Alabaýy** güjükliginden, bu guşy etene çagalygyndan

Turkmenkultur.com

öz elimde ýetişdirdim. Olary awa salanymda, ýetmiş yaşym ýigrimi bäş ýaşa gelýär duruberýär.

A. Orazmyradow.

1. Jyns atlaryň ilkinji harpy nähili harp bilen ýazylýar?

2. Has atlaryn ilkinji harpy nähili harp bilen ýazylýar?

**3. Giň göwrümli** diýen aňlatmanyň manysyny düşündiriň we sözlük depderiňize ýazyň.

**440-nji gönükme.** Göçüriň. San bilen üýtgän atlaryn aşagyny çyzyň we san goşulmasyny aýdyň.

1. Sen galamlaryňy ýygnadyňmy? 2. Otluk meýdan. Goýunlar, geçiler ýaýrap ýör. 3. Dayhanlar işe çykdylar. 4. Köçelerde maşyn köp. 5. Daglaryň howasy arassa bolýar.

**441-nji gönükme** Ýayyň içindäki atlara degişli ýöňkeme goşulmasyny goşup, olary ýaýyň daşyna çykaryň w e sözlemleri göçürň,

1. Meniň (jigi) çagalar bagyna gatnaýar.onuň (depder) arassa. Biziň (depder) ýok. 2. Siziň (aga) nirede işleýär? Seniň (dogan) çopanmy? Biziň (oba) ertir uly toý edýär.. Olaryň (oba) şäherden uzakdamy? 3. Mekdep (okuwçylar) ýowara çykdylar.

**442-nji gönükme** Aşakdaky atlary menlik, senlik, olluk ýöňkemeleriniň birligi we köplügi bilen üýtgedip, depderiňize ýazyň.

Galam, oba, depder, ige.

* * *

**443-nji gönükme** Okaň. Has gara ýazylan atlara sorag beriň. Olaryň haýsy düşümdedigini we goşulmasyny aýdyp beriň

## BEGHAN WE ARYLAR

**Mekdebiň** gapdalyndaky tamyň **diwarynda** ullakan ary öýjügi bardy. Beghan bagdan bir **çybyk** döwüp aldy. Soň ýaňky **deşige** daş bilen urdy. Arylar hüwwe ördi.

Olar **Beghana** tarap çozdular. Beghan pürli **çybygy** bilen goranyp gaçdy. **Beghanda** güýç galmady. Ol ary öýjükli **tamdan** göni öýlerine eňdi. Beghan kitap-depderi bilen işi bolman, uly ili bilen möňňürip barşyna **öýlerine** kürsäp urdy.

Turkmenkultur.com

A. Orazmyradow.

1. Hekaýanyň mazmunyny aýdyp beriň

2. Hekaýanyň mazmuny boýunça meyilnama düzün, ony depderiňize ýazyň.

* * *

**444-nji gönükme**Aşakdaky atlary düşümler bilen üýtgedip, depderiňize ýazyň. Ýaýyň içinde olaryň soraglaryny gorkeziň.

Üzüm, awçy, göle, depder.

**Nusga:**

1. Baş düşüm (näme?) — üzüm, ...

2. Eýelik düşüm (nämäniň?) — üzümiň, ...

Üýtgeden sözleriňiziň. düşüm goşulmalaryňy aýdyp beriň.

* * *

**445-nji gönükme** Adamy, haýwany, ösümligi aňladýan atlaryň her birine alty sany söz tapyp depderiňize ýazyň.

**Nusga:**

1. Adamy aňladýan sözler: ussa, işçi, ...

2. Haýwany aňladýan sözler: tilki, göýun, ...

3. Ösümligi aňladýan sözler: ysmanak, ýorunja.

**446-nji gönükme** Göçüriň. Sypatlaryň aşagyny cyzyň we olaryň nähili soraglara jogap bolýandygyny aýdyň.

1. Mawy asman diýseň arassa. Gaýra tarapda beýik daglar görünýär. Ol ýerde süýji suwly çeşmeler köp.

2. Men sary galam aldym. Seniň gök galamyň barmy? Okuwçylar ak köýnek, gara balak geýýarler.

Turkmenkultur.com

**447-nji gönükme** Göçüriň. Gymyldy-hereket aňladýan sözleriň—işlikleriň aşagyny çyzyň we olaryň nähili soraglara jogap bolýandygyny aýdyň.

Tomus gelýär. Okuwçylar soňky sapaklaryny okaýarlar. Tiz wagtdan okuwlar gutarýar.

Men kakam bilen Aşgabada gitjek. Sen nirede boljak? Aman mekdepden gelýär.

Ata şähere gitdi. Ol küşt oýnar.

**448-nji gönükme** Göçüriň. Öten zaman işliginiň aşagyny çyzyň.onuň nähili soraga jogap bolýandygyny we goşulmasyny aýdyň.

Ejem işden geldi. Ol ýuwundy. Biziň agşamlyk naharymyzy atardy. Ol täze gazetleri okady. Kakam geldi. Biz nahar iýdik, çaý içdik, Soň telewizora seretdik.

**449-nji gönükme**Göçüriň. Häzirki zaman işliginiň aşagyny çyzyň.onuň nähili soraga jogap bolýandygyny we goşulmasyny aýdyň.

1. Okuw gutarýar. Dynç günler golaýlaşýar.

2. Jigim eşiklerini geýýar. Ol häzir oýnamaga gitjek bolýar.

3. Mugallym klasa girýär. Sapak başlanýar.

4. Aman size barýar. Onuň ýanynda jigisi bar.

5. Gelnejem keçe basýar, goňşularymyz kömekleşýär.

**450-nji gönükme** Okaň. Her sözlemiň nähili sözlemdigini, olaryň soňunda goýlan dyngy belgisini aýdyň.

Bu gün howa örän gyzdy. Biz agşama çenli işledik, işçiler işden çykdylar. Sen sagat näçä çenli işlejek? Gurban şu gün şähere gidýär. Ol haçan geler?

Çagalar, Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyza wepaly boluň! Ýaşasyn mähriban Serdarymyz Saparmyrat Türkmenbaşy!

Turkmenkultur.com